# Lukmanlar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Lukmanlar LUKMANLAR

Biz bagşyny söýdük, şahyra uyduk,
Şolar öytdük ömrümize hökmanlar.
Jan kerte dirände bir zady duýduk,
Bu günleriň gahrymany lukmanlar.

Dogry hem-de düzüw yodalar bilen,
Peydaly dermandyr, kadalar bilen.
Gippokrada berlen wadalar bilen,
Bu günleriň gahrymany lukmanlar,

Gursagy dogumdan, mähirden doly,
O:t içine düşdi olaryň yoly.
Görogly, Alp Arslan, Togrul mysaly,
Bu günleriň gahrymany lukmanlar.

Dertli bende bilen des-deň dem alan,
Dynjy welin özgelerden kem alýan.
«Wirusdan» yeňilse ömri kemelyän,
Bu günleriň gahrymany lukmanlar.

Kerim HALLYÝEW. Goşgular